***Mähriban halkymyz mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllyk toýuny egsilmez ruhy joşgun, zähmet üstünlikleri bilen garşylaýar. Şunda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylymyzda gazanylýan üstünlikler Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň öňdengörüjilikli we oýlanyşykly syýasatynyň anyk beýany bolup, taryhyň sahypalaryna altyn harplar bilen ýazylýar.***

Mälim bolşy ýaly, 19-njy sentýabrda geçirilen Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisinde halkymyzyň isleg-arzuwlary esasynda Ahal welaýatynda Altyn asyr etrabyny, Daşoguz welaýatynda Garaşsyzlyk hem-de Gubadag etraplaryny, Lebap welaýatynda Döwletli, Farap, Garabekewül etraplaryny, Mary welaýatynda Oguz han etrabyny döretmek bilen baglylykda, «Türkmenistanyň dolandyryş-çäk bölünişiginiň meseleleri hakynda» Türkmenistanyň Mejlisiniň kararynyň kabul edilmegi Garaşsyz, hemişelik Bitarap ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmäge, raýatlarymyzyň hal-ýagdaýyny has-da gowulandyrmaga gönükdirilendir. Munuň özi welaýatlary durmuş-ykdysady taýdan ösdürmäge, ilatymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmaga, oba hojalyk pudagynda alnyp barylýan işleriň netijeliligini ýokarlandyrmaga ýardam eder.

Ýeri gelende, döwlet ähmiýetli, halk bähbitli çözgütleriň kabul edilmeginde Halk Maslahatynyň mejlisleriniň ähmiýetiniň uludygyny bellemek gerek. Bu umumymilli forum halkymyzyň jebisliginiň, agzybirliginiň nobatdaky beýanydyr. Ýurdumyzy has-da gülledip ösdürmekde, halkymyzyň eşretli durmuşyny üpjün etmekde bu döwletli geňeşiň ähmiýeti juda uludyr. Şunda Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň: «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe biziň ýolumyz bagtyýarlygyň, berkararlygyň ýoludyr. Geçmişimizi, şu günümizi we geljegimizi berk baglanyşdyryp, biz mundan beýläk-de bu ýol bilen ynamly öňe gideris» diýen ajaýyp jümlelerinden ýurdumyza, il-günümize bolan tükeniksiz söýgini, röwşen geljegimize belent ynamy duýduk.

Gözel paýtagtymyzda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisiniň geçirilmegi we onda halkymyzyň nurana ertirleriniň hatyrasyna möhüm çözgütleriň kabul edilmegi «Döwlet adam üçindir!», «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen baş şygarlaryň düýp mazmunyny emele getirýär. Taryhy mejlisde kabul edilen möhüm çözgütler bolsa il-günümiziň göwnüni we ykbalyny galkyndyrýar. Goý, halkymyzyň parahat, asuda we abadan durmuşda ýaşamagy üçin uly tagallalary edýän Milli Liderimiziň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli tutumly işleri elmydama rowaçlyklara beslensin!

**Kasymmyrat DURDYÝEW,**
**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.**

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026